Türkmenistanyň Statistika
baradaky döwlet komitetiniň
2019-njy ýylyň 25-nji oktýabryndaky
№ 108 buýrugy bilen tassyklanyldy

**№ 2-şkh «Şahsy kömekçi hojalyklaryndaky öndürilýän oba hojalyk önümleriniň, mallaryň we guşlaryň baş sanynyň hereketi barada hasabat» (çärýeklik) döwlet hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**
**GOLLANMA**

Bu hasabatda öý hojalyklar boýunça ekerançylyga we maldarçylyga degişli maglumatlar çärýekleýin görkezilýär. Umuman, bu hasabat ýylyň dowamynda öý hojalyklary boýunça maglumat çeşmesi bolup hyzmat edýär. Oba ýerlerinde geňeşlikler, şäher ýerlerinde etrap (şäher) häkimligi tarapyndan öý hojalyklarynyň hasabatyny ýöretmek üçin bellenen edara hasabat döwrüniň 29-yna ýerleşýän ýerindäki statistika edarasyna tabşyrmaly. Bu hasabatda oba hojalygy bilen meşgullanýan hususy telekeçiler (ýuridiki tarapy döretmedik fiziki şahslar) girmeýäler.

## 1 bölüm. Oba hojalyk ekinleriniň meýdany we ýygnalan hasyl

Öý hojalyklarynyň mellek ýerleriniň ekilýän bölegi we ondan alnan hasyl baradaky maglumatlary hojalyk kitaplarynyň maglumatlary esasynda doldurylýar.

01-nji setirde **“Umumy ekin meýdany”** hasabat döwri üçin ösýän jem bilen görkezilýär.

1-nji we 2-nji sütünlerde öý hojalyklarynyň ekin meýdanlary we 3-nji, 4-nji sütünlerde ýygnalan hasyllary baradaky maglumatlar ýerleşdirilýär.

02-nji setirde « **Däneli ekinler, kösükli we ýagy alynýan ekinleri»** ekin meýdany we ýygnalan hasyly görkezilýär.

03-nji setirde **«Däneli ekinler – hemmesi»** ekin meýdany we ýygnalan hasyly görkezilýär.

04–11-nji setirler şol sanda bugdaý, mekgejöwen, arpa, süle, jöwen, jugara we beýleki kösükli ekinler (çowdary) aýry aýrylykda görkezilýär.

12-nji setirde **«Kösükli ekinler»** ekin meýdany we ýygnalan hasyly görkezilýär.

13, 14, 15-nji setirler «şol sanda nohut, noýba we beýleki kösükliler» aýry aýrylykda görkezilýär.

16-njy setirde **«Ýagy alynýan ösümlikler we olaryň tohumlary»** ekin meýdany we ýygnalan hasyly görkezilýär.

17-nji **«şol sanda ýer hozy»,** 18-nji **«günebakar»**, 19-njy **«künji»** we 20-nji **«beýleki toparlara goşulmadyk özünde ýag saklaýan gaýry çigitler»** setirlerde ekin meýdany we ýygnalan hasyly görkezilýär.

21-nji setirde **«Şaly»** ekin meýdany we ýygnalan hasyly görkezilýär.

22-nji setirde **«Gök ekinler we bakja, köki miweliler we köki hasylly ekinler»** ekin meýdany we ýygnalan hasyly görkezilýär.

26-njy setirde **«Bakja ekinleri»** ähli ekilen bakja ekinleriniň ekin meýdany we ýygnalan hasyly görkezilýär. Şeýle hem 27-nji, 28-nji setirlerde gawun we garpyz aýratynlykda görkezilýär.

44-nji setirde **«Gök önümleriň – hemmesi»** diňe açyk toprakda ekilen gök ekinleriň ekin meýdany we ýygnalan hasyly görkezilýär. Şeýle hem 23–25 we 29–43-nji setirlerde aýry aýrylykda gök ekinleriň görnüşleri boýunça görkezilýär.

45-nji setirde **«Ýeralma»** ýeralmanyň ýazky we tomusky ekilen meýdanynyň we ýygnalan hasylynyň jemi görkezilýär.

46-njy setirde **«Beýleki ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek»** dermanlyk ösümlikleriň ekin meýdany we ýygnalan hasyly görkezilýär.

47-nji setirde «**Ýyladylýan jaýlarda we üsti ýapyk şertlerde ekilen ähli görnüşlerdäki ekinlerden ýygnalan gök önüm**» ýyladyşhanalarda we üsti ýapyk şertlerde ekilen ekinlerden ýygnalan gök önümleriň mukdary görkezilýär.

48-nji setirde «**Gök önümler - ähli açyk meýdanda we ýapyk desgalarda**» ýygnalan hasylyň jemi görkezilýär.

49-njy setirde «**Ot-iýmlik ekinleriň jemi**» ähli ot-iýmlik ekinleriniň meýdany görkezilýär.

50-nji setirde «**şondan ýorunja**» ýorunjanyň meýdany we ýygnalan hasyly görkezilýär.

51-nji setirde «**Miweli we hoz agaçlar**» − çigitli, şänikli, subtropiki ekinleriň ekin meýdany (täze oturdylanlar hem goşulanda) we ýygnalan hasyly görkezilýär.

52-nji setirde «**Ir−iýmişler (ýer tudanasy, böwürslen we beýlekiler)**» ýer tudanasynyň we beýleki ir-iýmişli ekinleriň ekin meýdany (täze oturdylanlar hem goşulanda) we ýygnalan hasyly görkezilýär.

53-nji setirde «**Limon agaçlary**» limon agaçlaryň ekin meýdany (täze oturdylanlar hem goşulanda) we ýygnalan hasyly görkezilýär.

54-nji setirde «**Miweli, ir-iýmişli we limon agaçlary, hemmesi**» − miweli, ir-iýmişli we limon agaçlaryň ekin meýdany we ýygnalan hasylynyň jemi bilelikde goşulyp görkezilýär.

55-nji setirde «**Üzümler**» oturdylan usulyna garamazdan (täze oturdylanlary hem goşmak bilen) ähli üzümleriň meýdany we ýygnalan hasyly görkezilýär.

56-njy setirde «**Güller − jemi**» ähli gülleriň meýdany we ýygnalan hasyly görkezilýär, 57-nji setirde «**şondan: bägül**» ähli bägülleriň meýdany we ýygnalan hasyly aýratyň görkezilýär.

58-nji setirde «**Gaýry ekinler**» ýokarda agzalmadyk ekinleriň ekin meýdany görkezilýär (sübselik…).

## 2 bölüm. Mallaryň we guşlaryň baş sany we hereketi

Öý hojalyklaryndaky mallaryň we guşlaryň baş sany hojalyk kitabynyň maglumatlary esasynda her çärýegiň jemi boýunça doldurylýar.

Bu hasabatda öý hojalyklarynda bar bolan mallaryň we guşlaryň hemmesi, şäheriň, şäherçäniň, geňeşligiň çäklerinde hemişelik ýa-da wagtlaýyn ýaşaýanlygyna garamazdan, şol çäklerde ýa-da onuň daşyndan öri meýdanlarynda bakylýan mallar we guşlar görkezilýär.

Hasabat ýylynda gölelän we gölelemedik sygyrlar ähli sygyrlaryň hasabyna goşulýar (baka goýulanyndan başgalary).

Şol sanda ene goýunlar we urkaçy işşekler (9-njy setirde), hem-de ene geçiler we urkaçy çebişler (14-nji setirde) ýaş mal berenligine garamazdan degişli setirlerde görkezilýär.

Bu bölümiň 1-nji sütüninde ýylyň başyna bar bolan mallaryň we guşlaryň baş sany görkezilýär.

2-nji sütünde «**Alnan ýaş mallaryň we jüýjeleriň**» baş sany görkezilýär.

3-nji sütünde «**Ene mala geçirilen**» mallaryň baş sany görkezilýär.

4-nji sütünde «**Satyn alnany we gaýry**» görnüşdäki gelen mallaryň we guşlaryň baş sany görkezilýär.

5-nji sütünde «**Et üçin soýlany**» mallaryň baş sany görkezilýär.

6-njy sütünde «**Satylany we gaýry**» görnüşde hojalykdan çykan mallaryň baş sany görkezilýär.

7-nji sütünde «**Öleni**» mallaryň baş sany görkezilýär.

8-nji sütünde «**Hasabat döwrüniň ahyryna mallaryň we guşlaryň sany**» mallaryň baş sany görkezilýär.

01-nji setirde «**Gara mallar**» diýen setirde hojalyga degişli gara mallar nirede bakylýanlygyna ýa-da saklanýandygyna garamazdan hasabat döwrüniň başynda ähli bar bolany hasabatda görkezilýär.

02-nji setirde **«şolardan: sygyrlar»** diýen setirde bakydaky we göleleri toparlaýyn emdirmek üçin bölünip aýrylan sygyrlardan başga ähli sygyrlar görkezilýär.

03-nji setirde **«Gylýallar»** − bu setirde, gylýallaryň tohumyna, ýaşyna, jynsyna garamazdan, ähli sany (hasabat döwründe doglan taýlary goşmak bilen) görkezilýär.

04-nji setirde **«şolardan: ene baýtallar»** diýlen setirde ähli inen ene baýtallar görkezilýär.

05-nji setirde **«Düýeler»** − bu setirde düýeleriň ýaşyna, tohumyna we jynsyna garamazdan, ähli sany (hasabat döwründe doglan köşekleri goşmak bilen) görkezilýär.

06-njy setirde **«şolardan: inen düýeler»** diýlen setirde ähli inen düýeler görkezilýär.

07-nji setirde **«Dowarlar - hemmesi»** diýen setirde hojalykdaky ähli dowarlaryň baş sany görkezilýär.

08-nji setirde **«şol sanda: goýunlar»** diýen setirde goýunlaryň ýaşyna, tohumyna we jynsyna garamazdan, ähli sany (hasabat döwründe doglan guzulary goşmak bilen) görkezilýär,

09-njy setirde **«şondan: ene goýunlar»** diýlen setirde ähli ene goýunlaryň sany görkezilýär.

10-njy setirde **«saryja goýunlar»** aýratynlykda görkezilýär.

11-nji setirde **«garaköli goýunlar»** aýratynlykda görkezilýär.

12-nji setirde **«beýleki goýunlar»** aýratynlykda görkezilýär.

13-nji setirde **« şol sanda: geçiler»** − bu setirde geçileriň ýaşyna, tohumyna we jynsyna garamazdan, ähli sany (hasabat döwründe doglan owlaklary goşmak bilen) görkezilýär.

14-nji setirde **«şondan: ene geçiler»** diýlen setirde ähli ene geçiler görkezilýär.

15-nji setirde **«Doňuzlar»** − bu setirde, doňuzlaryň tohumyna, ýaşyna, jynsyna garamazdan, ählisi görkezilýär.

16-njy setirde **«şondan: ene doňuzlar»** - bu setirde ene doňuzlaryň ählisi görkezilýär.

17-nji setirde **«Guşlaryň ähli görnüşleri»** − bu toparda guşlaryň ähli görnüşleri görkezilýär.

18-nji setirde **«şolardan: guzlaýan towuklar»** − bu setirde diňe ýumurtga berýän towuklar aýratynlykda görkezilýär.

19-njy setirde **«Towşanlar»** − bu setirde towşanlaryň ähli görnüşleri görkezilýär.

20-nji setirde − **«Eşekler»** hojalykdaky ähli eşekleriň sany görkezilýär.

21-nji setirde − **«Bal ary maşgalasy»** hojalykdaky ähli bal−ary maşgalasynyň sany görkezilýär.

## 3 bölüm. Maldarçylyk önümleriniň öndürilişi

Öý hojalyklary boýunça ähli öndürilen önümleriň mukdary hasabat döwründe ösýän jem bilen görkezilýär.

**Oba hojalygynyň statistikasy**
**we seljerişi müdirligi**